# Obama: «Özge planetalylaryñ bardygy subut edilse «täze dinler» ýüze çykyp biler»

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Obama: "Özge planetalylaryñ bardygy subut edilse "täze dinler" ýüze çykyp biler" OBAMA: «ÖZGE PLANETALYLARYÑ BARDYGY SUBUT EDILSE «TÄZE DINLER» ÝÜZE ÇYKYP BILER»




*«Bu meniñ syýasatymy hiç bir ýagdaýda üýtgedip bilmez. Çünki meniñ bütin syýasatym kosmosyñ ortasynda ýüzüp ýören şu kiçijik nokadyñ üstündäki kinniwanja organizmlerdigimiz hakyndaky hakykata esaslanýar».*

ABŞ-nyñ öñki Prezidenti Barak Obama sişenbe güni «The New York Times» gazetine beren interwýusynda kosmosdaky ýaşaýşa degişli subutnamalaryñ global jemgyýeti düýbünden üýtgedip biljekdigini aýtdy.

«The Ezra Klein Show»-da Ezra Kleýniñ sowallaryna jogap beren ABŞ-nyñ 44-nji prezidentine özge planetalylaryñ biziñ ýer şarymyzy öwrenýändiginiñ alymlar tarapyndan tassyklanandygy, emma bu syrly jandarlar bilen aragatnaşyk açybiljek ýoluñ heniz tapylmandygy aýdyldy.

Öz esasy syýasy garaýşynyñ üýtgemejegini aýdan Obama dünýä derejesinde birnäçe kişiniñ öz düşünjesine garşy gitjegini bilýändigini aýdyp, birnäçe täze çekişmäniñ ýüze çykjakdygyny çak etdi.

Öňki prezident şeýle diýdi:
– Bu täsin. Munuň özi menin syýasatymy hiç bir ýagdaýda üýtgedip bilmez. Çünki meniň bütin syýasatym kosmosyň ortasynda ýüzüp ýören şu kiçijik nokadyň üstündäki kinniwanja organizmlerdigimiz hakyndaky hakykata esaslanýar.
Emma gürrüňsiz, özümizi goramak üçin ýaraglanşyga has köp pul harçlamak meseleleri babatda jedeller dörär. Täze dinler orta çykar. Kim bilýär, niçiksi jedellere gireris. Biz biri-birimize garşy argumentler oýlap tapmaga ökde ahyryn.
Obamanyň çykyşy ABŞ-nyň Goranmak ministrliginiň çap edilmegine garaşylan anyklanmadyk uçýan närseler (gapbarçanaklar) we amerikan harby personalynyň gatnaşan, ýöne mälim edilmedik hadysalaryň jikme-jik beýan edilen, «gizlin» belgisi goýulmadyk habarnamasynyň öňüsyrasy boldy.
Öňki amerikan pilotlary geçen birnäçe aýda şuňa meňzeş birtopar hadysany jikme-jik gürrüň berse, käbirleri gören-eşdenlerini maý aýynda «CBS News»-iň «60 Minutes» gepleşiginde köpçüligiň dykgatyna ýetiripdi.
Geçen aý gündelik brifingde habarnamanyň çap edilmegine degip geçen Ak tamyň metbugat sekretary Jen Psaki mälim ediljek maglumatlaryň Döwlet Kontrrazwedka gullugynyň direktoryna baglydygyny aýdypdy.
Psaki «Döwlet Kontrrazwedka gullugynyň ofisindäki toparymyz, elbetde, bu habarnamanyň üstünde aktiw iş alyp barýar. Anyklanan ýa-da anyklanmadyk haýsydyr bir howa ulagy tarapyndan asman giňişligimiziň basylyp alynmagy baradaky habarlara iňňän eserdeň seredýäris we her birini öwrenýäris» diýipdi.

Jon BOUDEN.

02.06.2021 ý. Geň-taňsy wakalar